# Güýz oýlanmasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Güýz oýlanmasy GÜÝZ OÝLANMASY

Ýapraklar saralyp, agaçdan düşýär, –
Tylla günüň nury düşüp dur gökden.
Sorup ganatlarna kümüşsöw daňy,
Han-ha, guşlar uçup barýar uzakdan.

Höwürtgede galan ýelekler saklar
Mundan göçüp giden guşlaryň sesin.
Şemal sallançagy yralap gitdi.
Saklap gursagynda enäň hüwdüsin.

Gyrawlan saçlaryn timarlap otyr,
Zülpleri şah deýin, bugdaýreňk gelin.
Geçip barýan ýaşlygyny ugradýar
Gamly.
Gasynlarna degirip elin.

Erber düýşlerini kowup oglunyň,
Otyr gelin, süýt ýyladyp gursakda.
Gidýän ýeňles gylyklar deý,
Saç galýar
Agaçdan ýasalan gyzgylt darakda…

Italmaz HUDAÝBERDIÝEW. Goşgular